TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

ПОСТАНОВЛЕНИЕ ПРЕЗИДЕНТА ТУРКМЕНИСТАНА

"I7" iýul 2015 ý.г. № I4336 Aşgabat ş. / г. Ашхабад

Nusgalary almak gadagan Снятие копии запрещается

# Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakynda

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ilatymyzyň saglyk ýagdaýyny has-da gowulandyrmak we abadançylygyny ýokarlandyrmak, adam ömrüniň dowamlylygyny artdyrmak, raýatlar üçin saglygy goramak babatda hemmetaraplaýyn deň mümkinçilikleri we şertleri üpjün etmek, saglygy goraýşy halkara ölçeglerine laýyklykda ösdürmek hem-de innowasion tehnologiýalara, öňdebaryjy lukmançylyk ylmyna we tejribesine esaslanýan kämil we ýokary netijeli saglygy goraýyş ulgamyny döretmek maksady bilen, şeýle hem 1995-nji ýylda kabul edilen «Saglyk» döwlet maksatnamasynyň geçen 20 ýylda üstünlikli durmuşa geçirilendigini nazar alyp, **karar edýärin**:

1. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» döwlet maksatnamasyny;

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» döwlet maksatnamasyny ýerine ýetirmegiň 2015–2017-nji ýyllar üçin Milli meýilnamasyny tassyklamaly (goşulýar).

2. Ministrlikler, pudak edaralary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri şu kararyň 1-nji bölüminde görkezilen Maksatnamanyň we Milli meýilnamanyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmeli.

3. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary, Türkmenistanyň Saglygy

goraýyş we derman senagaty ministri, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti**

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ DIWANY
Protokol bölümçesi

**Gurbanguly Berdimuhamedow**

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministirligi
Gelen № 648/km
200 ýyl 5 2007

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2015-nji ýylyň I7-nji iýulynda
çykaran I4336-njy karary bilen
tassyklandy

# Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» döwlet maksatnamasy

## Giriş

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň** taýsyz tagallasy bilen biziň ýurdumyzda «Il saglygy – ýurt baýlygy» diýen pähimden ugur alnyp, döwletimiziň iň gymmatly baýlygy bolan ynsan saglygyny goramakda, ilatymyzyň saglyk ýagdaýyny gowulandyrmakda, keselleriň öňüni almakda we olary ýok etmekde, saglygy goraýyş we derman senagaty pudagyny dünýä derejesinde ösdürmekde beýik işler amala aşyrylýar.

Şu ýyl «Saglyk» döwlet maksatnamasynyň kabul edilenine 20 ýyl dolýar. 1995-nji ýylda kabul edilen «Saglyk» döwlet maksatnamasy geçen ýyllaryň dowamynda üstünlikli durmuşa geçirildi.

Keselleriň öňüni almakda we olary ýok etmekde ýetilen sepgitler we gazanylan üstünlikler halkara derejesinde ykrar edildi. Bu ugurda gazanylan üstünliklere ýurdumyza gowşurylan şu güwänamalar aýdyň şaýatlyk edýär:

2000-nji ýylda ýokanç deri (drakunkulýoz) keseliniň ýok edilendgi baradaky halkara güwänamasy;

2002-nji ýylda poliomiýelit keseliniň ýok edilendigi baradaky halkara güwänamasy;

2010-njy ýylda gyzzyrma keseliniň ýok edilendigi baradaky halkara güwänamasy.

Şeýle hem 2004-nji ýylda ýurdumyzda duzuň ählumumy ýodlaşdyrylmagynyň gazanylandygy baradaky halkara güwänamasy berildi we Türkmenistan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna giryän ýurtlaryň hem-de Orta Aziýa döwletleriniň arasynda ilkinji, Ýer

ýüzünde dördünji bolup duzy halkara ölçeglerine laýyklykda ýodlaşdyrmagy üpjün edýän ýurt hökmünde ykrar edildi.

2011-nji ýylda ýokumy demir we foliý turşusy bilen güýçlendirilen unuň önümçiliginiň ýola goýulmagy bilen bagly halkara sylagy alyndy.

Çagalary ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň 10 düzgünini üstünlikli durmuşa ornaşdyran bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň ählisi diýen ýaly Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň bilermenleri tarapyndan tassyklanan «Çagalara mähirli garaýyş hassahanasy» diýen ýokary derejä eýe boldular.

Ýurdumyzyň çäklerini howply ýokanç kesellerden goramak we olaryň ýaýramagynyň öňüni almak üçin möhüm çäreler durmuşa geçirildi. AIW/AIDS ýokanç keseliniň öňüni almak boýunça düýpli işler amala aşyryldy. Biziň döwletimiz bu ýokanç keseliň ýaýramadyk dünýäniň az sanly ýurtlarynyň biridir.

Döwletimizde azyk önümleriniň hiline we howpsuzlygyna berk gözegçilik ýola goýuldy. Ilatymyzy arassa agyz suwy bilen üpjün etmek üçin geçirilýän işleriň gerimi giňeldildi.

Ýurdumyzda neşekeşlige we çilimkeşlige garşy göreşmek boýunça ulgamlaýyn işler alnyp baryldy. Bu ugurlarda amala aşyrylan işler beden we ruhy taýdan sagdyn nesliň kemala gelmegine uly ýardam berdi.

Ilatymyzyň saglygyny berkitmek maksady bilen «Arçman», «Mollagara», «Ýylysuw», «Farap», «Daşoguz» şypahanalarynyň we Baýramalydaky şypahananyň durky täzelendi we täze binalary guruldy, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda we ýurdumyzyň beýleki ýerlerinde döwrebap dynç alyş-sagaldyş, sport we syýahatçylyk desgalary gurlup, ulanmaga berildi.

Bejeriş-öňüni alyş işi düýpli kämilleşdirildi. Ilatymyza ilkinji saglygy goraýyş kömegini maşgala lukmançylygy ýörelgesi esasynda bermek ýola goýuldy, döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy ulgamy girizildi, «Tiz kömek» gullugy ösdürildi.

Saglygy goraýşyň maddy-enjamlaýyn binýady düýpli pugtalandyryldy. Paýtagtymyzda Orta Aziýada deňi-taýy bolmadyk iri saglyk desgalarynyň onlarçasy gurlup, halkymyzyň hyzmatyna

berildi. 1995–2014-nji ýyllar aralygynda saglygy goraýyşda 60-dan gowrak iri saglyk desgasy guruldy, 49 etrap hassahanasynyň durky täzelendi we 9-synyň täze binalary guruldy, Oba saglyk merkezleriniň we Oba saglyk öýleriniň 69-sy guruldy we 37-siniň durky täzelendi. Hereket edýän iri saglygy goraýyş edaralarynyň binalarynyň durky täzelendi we täze binalary guruldy.

Saglygy goraýyş edaralary döwrebap lukmançylyk enjamlary, «Tiz kömek» awtoulaglary we beýleki serişdeler bilen üpjün edildi. 2008–2014-nji ýyllarda dünýä ölçeglerine laýyk gelýän täze tehnologiýaly 17 975 sany lukmançylyk enjamy saglygy goraýyş edaralarynda oturdyldy.

Saglygy goraýyşda býujet serişdelerini rejeli peýdalanmak ýola goýuldy, hassahana orunlarynyň sany we ulanylyşy talaba laýyk getirildi, hojalyk hasaplaşygynda işleýän we tölegli hyzmatlary edýän edaralaryň işi kämilleşdirildi, saglygy goraýyş edaralarynyň işiniň netijeliligi ýokarlandyryldy.

Ýurdumyzda derman senagaty döredildi we ösdürildi. Geçen ýyllarda jemi 8 sany täze derman kärhanasy gurlup, ulanmaga berildi. Hereket edýän «Saglyk» derman kärhanasynyň durky düýpli täzelendi we täze önümçilik bölümleri, «Buýan» obasenagat toplumynda täze önümçilik desgasy guruldy. Derman bazaryny halkara ölçeglerine laýyk gelýän ýokary hilli we howpsuz dermanlar bilen üpjün etmek işi ýola goýuldy. Ýurdumyzda ilatyň saglygyny goramak boýunça işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak girizildi we saglygy goraýşyň hususy bölegi döredildi hem-de ösdürildi.

Lukmançylyk ylmy we bilimi dünýä derejesinde ösdürildi. 2010-njy ýylda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti döredildi we onuň täze binalary ulanmaga berildi. Bu uniwersitete «European Quality» («Ýewropa hili») diýen halkara sylagy gowşuryldy hem-de ol Awisenna direktoratlygynyň Bütindünýä maglumatlar goruna girizildi. Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde lukmanlaryň hünär kämilleşdiriş fakulteti açyldy.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş pudagyny ösdürmekde dünýäniň öňdebaryjy lukmançylyk merkezleri, hususan-da, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň öňdebaryjy hassahanalary,

tejribeli professorlary we lukmanlary bilen netijeli hyzmatdaşlyk ýola goýuldy.

Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy,UNISEF we beýleki halkara guramalary bilen hyzmatdaşlykda ulgamyň işgärleri dünýäniň ösen döwletlerine tejribe we hünär kämilleşdiriş okuw saparlaryna yzygiderli iberildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylda «Saglyk» döwlet maksatnamasynyň kabul edilmeginiň 14 ýyllygy mynasybetli hem-de ýurdumyzyň saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň tutanýerli zähmetiniň netijesinde uly üstünlikleriň gazanylandygyny göz öňünde tutup, «Türkmenistanyň Milli baýramyny – Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününi döretmek hakynda» çykaran Permany bilen her ýylyň 21-nji iýuly Türkmenistanyň Milli baýramy – Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni diýlip yglan edildi.

«Saglyk» döwlet maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde, ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamy dünýä derejesinde ösdürildi, ilatymyzyň saglyk ýagdaýy gowulandyryldy, raýatlarymyzyň ömrüniň ortaça dowamlylygy artdy.

Soňky 20 ýylda saglygy goraýyşda gazanylan üstünlikleri berkitmek hem-de ýurdumyzy sagdyn geljege tarap alyp barýan üstünlikli ösüş ýolumyzy batly gadamlar bilen dowam etdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» döwlet maksatnamasy (mundan beýläk – Maksatnama) işlenip taýýarlanyldy.

Bu Maksatnama «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012–2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasynyň», şeýle hem «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasynyň», saglygy goraýşy ösdürmek, ilaty arassa agyz suwy bilen üpjün etmek, sagdyn iýmitlenmek, sporty we syýahatçylygy ösdürmek, ýokanç däl keselleriň öňüni almak, çaganyň irki ösüşi we ony mekdebe taýýarlamak boýunça degişli Döwlet we Milli maksatnamalar, şeýle hem Birleşen Milletler

Guramasynyň Müňýyllygyň Ösüş Maksatlarynyň, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň maksatnamalarynyň hem-de bu Guramanyň Ýewropa sebiti boýunça edarasynyň «Saglyk–2020» syýasatynyň we «Ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olaryň garşysyna göreşmek boýunça Aşgabat Jarnamasynyň» esasynda işlenip taýýarlanyldy.

## Maksatnamanyň esasy maksatlary, wezipeleri hem-de saglygy goraýşy ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlary

Maksatnamanyň esasy maksady ilatymyzyň saglyk ýagdaýyny has-da gowulandyrmak we abadançylygyny ýokarlandyrmak, adam ömrüniň dowamlylygyny artdyrmak, raýatlar üçin saglygy goramak babatda hemmetaraplaýyn deň mümkinçilikleri we şertleri üpjün etmek, kämil hem-de ýokary netijeli saglygy goraýyş ulgamyny döretmek bolup durýar.

Maksatnama laýyklykda keselleriň öňüni almak işi saglygy goraýşyň baş ugry bolup durýar.

Şunuň bilen baglylykda, bu Maksatnama, ilkinji nobatda, keselleriň öňüni almagyň we saglygy berkitmegiň, jemgyýetçilik saglygy goraýşynyň, saglygy goraýyş ulgamyny döwletiň we jemgyýetiň ösüşine laýyklykda ösdürmegiň maksatnamasy bolup durýar we ol her bir raýatyň saglygynyň iň ýokary derejede bolmagyny we adamyň sagdyn durmuşda uzak ýaşamagyny gazanmaga gönükdirilendir.

Maksatnamanyň esasy wezipeleri:

bitewi öňüni alyş ulgamyny döretmek, saglygy goraýşy dolandyrmagy kämilleşdirmek we ilatyň saglygyny goramakda köpulgamlaýyn pudagara hyzmatdaşlygyny ösdürmek;

ilatyň saglygyny goramak we keselleriň öňüni almak;

arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek işini güýçlendirmek;

irki döwürde kesel anyklamagyň we ony bejermegiň saglygy goraýyş we ykdysady taýdan netijeli taslamalaryny durmuşa geçirmek hem-de näsaglaryň özleriniň netijeli bejerilmegine işjeň gatnaşmagyny gazanmak;

ilata saglygy goraýyş kömeginiň berilmegini kämilleşdirmek;

maşgala lukmançylygy ýörelgesini kämilleşdirmek;

derman senagatyny has-da ösdürmek we ilatymyzy özümizde öndürilýän ýokary hilli, howpsuz derman we saglygy goraýyş maksatly serişdeler bilen has doly üpjün etmek, içerki bazarda import önümlerini çalyşmak we eksport mümkinçiliklerini ep-esli artdyrmak;

saglygy goraýşyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak;

elektron saglygy goraýşyny ösdürmek we saglygy goraýyş statistikasyny kämilleşdirmek;

saglygy goraýyş ulgamyny durnukly maliýeleşdirmek we saglygy goraýşyň ykdysadyýetini kämilleşdirmek;

Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryşyny kämilleşdirmek;

saglygy goraýşyň hususy bölegini ösdürmek;

saglygy goraýyş işgärlerini taýýarlamak we olaryň hünär derejelerini üznüksiz kämilleşdirmek;

lukmançylyk ylmyny ösdürmek;

saglygy goraýyş babatda kanunçylygy kämilleşdirmek.

Maksatnamanyň maksatlaryna hem-de wezipelerine laýyklykda saglygy goraýşy ösdürmegiň şu ugurlary has ileri tutulýar:

öňüni alyş işi we saglygy goraýşyň ilkinji basgançagy;

köpulgamlaýyn pudagara hyzmatdaşlyk etmek;

saglygy goraýşy durnukly maliýeleşdirmek;

saglygy goramak işini häzirki döwrüň talaplaryndan ugur alyp, halkara ölçeglerine laýyklykda guramak;

saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmegi hem-de özgertmegi dowam etdirmek we ony öňdebaryjy lukmancylyk ylmynyň we biliminiň gazananlarynyň esasynda kämilleşdirmek;

saglygy goraýşyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak;

ýokary hilli we elýeterli saglygy goraýyş hyzmatlaryny üpjün etmek;

saglygy goraýyş işgärlerini taýýarlamak, şol sanda olaryň daşary ýurtlarda taýýarlanylmagynyň we hünärlerini kämilleşdirilmeginiň hasabyna hünär derejelerini ýokarlandyrmak.

**Bitewi öňüni alyş ulgamyny döretmek, saglygy goraýşy dolandyrmagy kämilleşdirmek hem-de köpulgamlaýyn pudagara hyzmatdaşlygyny ösdürmek**

Durmuş we ykdysady ösüşiň esasynda ynsan saglygy dur. Saglyk jemgyýetiň abadançylygyny üpjün edýär, adamlaryň hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagyna ýardam edýär.

Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň Ýewropa sebiti boýunça edarasynyň «Saglyk–2020» syýasatynda XXI asyrda saglygyň we abadançylygyň bähbidine tutuş döwletiň we jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň ynsan saglygyny goramaga bilelikde işjeň gatnaşmagynyň möhümdigi barada ilkinji nobatda bellenilýär.

XXI asyrda saglyk meseleleri saglygy goraýyş ulgamynyň çäklerinden çykyp, ýaşaýyş-durmuş, bilim, daşky gurşaw (ekologiýa), ykdysadyýet, jemgyýetçilik, adamlaryň hal-ýagdaýy bilen bagly meseleler hem-de durmuşyň we medeniýetiň beýleki meseleleri bilen çuňňur baglanyşyp has-da çylşyrymlaşýar.

Şu nukdaýnazardan:

islendik durmuş-ykdysady, zähmet, daşky gurşaw, senagat, gurluşyk, oba hojalygy we beýleki meseleler çözülende, ilkinji nobatda, adam saglygynyň bähbidini nazara almak;

hemmeler üçin saglygy we abadançylygy gazanmak maksady bilen, strategik taýdan ýolbaşçylyk etmegiň dürli görnüşlerini (köpbasgançaklaýyn, paýlanan we köpçülikleýin) ulanmak;

bilelikde işlemek, hyzmatdaşlyk etmek we raýatlary işe çekmek, kadalaşdyryjy çäreler bilen ynandyrmak usulyny bilelikde ulanmak, bilermenleri işe çekmek arkaly ýolbaşçylyk etmek;

keselleriň öňüni almak, saglygy berkitmek we sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermek meselelerine köpulgamlaýyn çemeleşmek;

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň öňdebaryjy we utgaşdyryjy işini has-da güýçlendirmek;

ýerini ýetiriji ýerli we öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň we raýatlaryň saglyk bilen bagly meseleleri dolandyrmaga has işjeň gatnaşmagyny gazanmak häzirki eýýamda adamzat ösüşiniň möhüm aýratynlygy bolup durýar.

Şulardan ugur alnyp:

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň wezipesine, gurluşyna, ýerine ýetirýän işine we hukugyna gaýtadan seredildiler, onuň ulgamara hem-de ýerine ýetiriji ýerli edaralar bilen baglanyşykly işi güýçlendiriler, merkezi edarasynda täze bölümleri, şol sanda şypahana edaralary, halkara gatnaşyklary, elektron resminama dolanyşygy bölümlerini döretmek meselesine serediler;

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň ýolbaşçylygyndaky Saglygy goraýyş boýunça köpulgamlaýyn pudagara topary döredilер;

bu Topara Türkmenistanyň Mejlisiniň, degişli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň, Aşgabat şäheriniň häkimliginiň, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň, jemgyýetçilik guramalarynyň we beýleki dahylly edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň wekilleri girer;

bu Topar tarapyndan ilatymyzyň saglygyny goramak babatda alnyp barylýan işler utgaşdyrylar we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik ediler, şu Maksatnamany amala aşyrmak üçin pudagara toplumlaýyn meýilnamalar işlenilip düzüler we amala aşyrylar. Bu Topar öz işiniň netijeleri boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň öňünde hasabat berer;

welaýatlaryň häkimliklerinde hem Saglygy goraýyş boýunça köpulgamlaýyn pudagara toparlar döredilер. Bu Toparlara etrap we şäher häkimlikleriniň, Geňeşlikleriň, edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň, beýleki dahylly taraplaryň wekilleri girer. Bu Toparlar tarapyndan ýerlerde saglygy goraýyş boýunça utgaşdyryş we gözegçilik işleri geçiriler, ilatyň saglygyny goramak bilen bagly

toplumlaýyn meýilnamalar işlenilip düzüler we amala aşyrylar. Bu Toparlar öz işleriniň netijeleri boýunça degişli welaýat häkiminiň hem-de Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň ýolbaşçylygyndaky Saglygy goraýyş boýunça köpulgamlaýyn pudagara toparynyň öňünde hasabat berer;

Toparlaryň işinde giň halk köpçüliginiň, raýatlaryň, şol sanda kesel toparlaryna giryän näsaglaryň saglygy goramak işini gowulandyrmak we kämilleşdirmek babatdaky tekliplerine aýratyn üns berler, olaryň ilatymyzyň saglygy goraýyş işine işeňňir gatnaşmagy üçin zerur çäreler görler;

ministrlikleriň we pudak edaralarynyň, ykdysadyýetiň hususy böleginiň işgärleriniň saglygyny goramak babatdaky jogapkärçiligi ýokarlandyrylar we degişli maksatnamalar amala aşyrylar, şeýle hem olaryň toplumlaýyn işleri guramakda saglygy goraýyş ulgamyna ýakyndan goldaw bermegi üpjün ediler.

Ýerlerde:

ilatyň saglygyny goramak we berkitmek boýunça meýilnamalary işläp taýýarlamak we durmuşa ornaşdyrmak, köpulgamlaýyn hyzmatdaşlygy guramak;

adamyň gündelik durmuşynda daşky gurşawy goramaga gönükdirilen ýörelgeleri ulanmak («ýaşyl ykdysadyýet» ýörelgesi);

ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny gowulandyrmak, saglygy goraýyş, bilim, sport, medeniýet, daşky gurşawy goramak, ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek, jemagat hojalygy we ykdysadyýetiň beýleki ugurlary boýunça toplumlaýyn çäreleri geçirmek arkaly «sagdyn obalary, etraplary, şäherleri we sagdyn jemgyýetleri» döretmek;

öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ýer serişdeleriniň rejeli ulanylyşyna, gurluşyk kadalarynyň, zähmetiň we tehniki howpsuzlygyň talaplarynyň berjaý edilişine, lagym we suw üpjünçiligine yzygiderli gözegçilik etmek, temmäki önümleriniň ulanylyşyny çäklendirmek boýunça zerur işleri alyp barmak;

ilaty gowy hilli arassa agyz suwy bilen üpjün etmek, agyz suwunyň çeşmesi hökmünde ulanylýan suw baýlyklaryny arassa saklamak we olary hapalanmakdan goramak;

raýatlaryň saglygyny goramaga we berkitmäge, töwekgelçilikli topardaky raýatlaryň durmuş-hal ýagdaýyny gowulandyrmaga ýerli edara-kärhanalary çekmek boýunça işler güýçlendiriler.

Maksatnamany ýerine ýetirmekde we öňde goýlan wezipeleri çözmekde ministrlikleriň we pudak edaralarynyň sazlaşykly işlemegi üpjün ediler, olaryň öz işlerinde, ilkinji nobatda, adam saglygy babatda umumydöwlet bähbidini goramakdan ugur almaklary gazanylar, işleriň hyzmatdaşlykda ýerine ýetirilmegi we özara ylalaşykly işlemek üçin çäreler görler, gündelik işde özara ylalaşmagyň tertibi ýönekeýleşdiriler.

Saglyk bilen bagly meseleleri çözmekde hyzmatdaşlyk etmek usulyna geçmek, köpderejeli kadalaşdyryjy resminamalary ulanmak, ilat bilen göni işlemek, ynandyrmak, şeýle hem kommunikasion tehnologiýalary giňden ulanmak göz öňünde tutulýar.

**Raýatlaryň saglygyny ömrüň ähli tapgyrlarynda goramak, olaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek**

Ilatymyzyň dürli ýaşdaky toparlarynyň saglygyny goramak bilen bagly degişli maksatnamalar we meýilnamalar amala aşyrylar, şunda olar özara baglanyşykly bolar we üznüksiz dowam edip, raýatlaryň saglygynyň ömrüň ähli tapgyrlarynda goralmagyny we berkidilmegini üpjün eder.

**Eneleriň we çagalaryň saglygy**

XXI asyrda saglyk babatda öňdebaryjy bilimleriň ele alynmagy enäniň we çaganyň saglygyny goramak, aýallaryň çaga dogurmak döwründe saglyk ýagdaýyny has-da gowulandyrmak we berkitmek, maşgala medeniýetini has kämil derejä ýetirmek üçin täze mümkinçilikleri açýar.

2015–2025-nji ýyllar aralygynda eneleriň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramaga gönükdirilen ýörite çäreleriň giň toplumy meýilnamalaýyn amala aşyrylar.

Maşgalany meýilleşdirmek ulgamyny berkitmek we ony elýeterli etmek üçin guramaçylyk we usulyýet işleri geçiriler.

Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş işini kämilleşdirmek, sagdyn daşky gurşawy we ýaşaýyş-durmuş şertlerini üpjün etmek

çärelerine aýratyn uly üns berler hem-de bu ugurlarda köpulgamlaýyn pudagara meýilnamalary esasynda toplumlaýyn işler amala aşyrylar.

Enäniň we çaganyň saglygyny gazanmak, howpsuz göwreliligi we çaga dogurmagy üpjün etmek, aýallaryň çaga dogurmak döwründe saglygyny berkitmek boýunça hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak üçin ýörite çäreler görler.

Göwrelilikden öňki döwürde, göwrelilik we dogrum döwürlerinde hem-de çaganyň ömrüniň ilkinji hepdesinde, 1 ýaşa we 5 ýaşa çenli döwründe lukmanlar we orta saglygy goraýyş işgärleri tarapyndan netijeli saglygy goraýyş kömeginiň berilmegi üçin hemmetaraplaýyn çäreler, şol sanda täze bejeriş-öňüni alyş tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, kliniki gollanmalaryň we kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryny iş ýüzünde berjaý etmek, hünär kämilleşdiriş okuwlaryny dünýä ölçeglerine laýyklykda täzeden guramak, lukmançylyk enjamlary bilen üpjün etmek, şeýle hem enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş edaralaryny goldamak, lukmanlary we beýleki saglygy goraýyş işgärlerini höweslendirmek hem-de işleriniň netijesi üçin olaryň jogapkärçiligini ýokarlandyrmak göz öňünde tutulýar.

Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň çagany ene süýdi bilen iýmitlendirmek, irki döwürde çagalary iýmitlendirmek, aýallaryň önelge saglygyny hem-de nesil saglygyny berkitmek, jyns ýollary bilen ýokuşýan keselleriň öňüni almak ýaly ählumumy we sebitleýin baş ýörelgeleriň esasynda milli çäreleri amala aşyrmak işi häzirki döwrüň talaplaryna we şertlerine laýyklykda dowam etdiriler.

Gender deňligini üpjün etmek hem-de aýallaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça döwlet derejesinde toplumlaýyn çäreler meýilnamalaýyn esaslarda amala aşyrylar.

## Çagalaryň we ýetginjekleriň saglygy

Döwletimiz tarapyndan 18 ýaşyna ýetmedik çagalaryň saglygynyň ygtybarly goralmagy üçin ähli zerur çäreler görler we serişdeler goýberiler.

5–8 ýaşly çagalaryň we 9–18 ýaş aralygyndaky ýetginjekleriň saglygyny goramak boýunca köpulgamlaýyn toplumlaýyn meýilnamalar işlenilip taýýarlanylar we durmuşa geçiriler.

Bu meýilnamalarda:

çagalaryň we ýetginjek ýaşlaryň beden we ruhy taýdan sagdyn ösmegine hem-de olaryň ömrüň dowamynda sagdyn we uzak ýaşamagy üçin hemmetaraplaýyn iň gowy başlangyç şertleriň we mümkinçilikleriň döredilmegine;

ilatly ýerlerde, maşgalada, bilim-terbiýeçilik edaralarynda, jemgyýetçilik we beýleki dahylly ýerlerde çagalar we ýetginjekler üçin sagdyn we dostlukly ýagdaýyň we şertleriň üpjün edilmegine;

çagalaryň we ýetginjekleriň:

temmäkiden we neşe serişdelerinden, spirtli içgilerden, daşky gurşawyň zyýanly täsirlerinden goralmagyna;

ylym-bilim almagyna;

saglygynyň goralmagyna we berkidilmegine;

sagdyn iýmitlenmegine;

bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagyna;

işjeň dynç almagyna we döredijilik bilen meşgullanmagyna gönükdirilen çäreleriň giň toplumy ministrlikleriň, pudak edaralarynyň we beýleki döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, häkimlikleriň we beýleki dahylly taraplaryň, ene-atalaryň gatnaşmagynda amala aşyrylar.

Çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramakda ileri tutulýan ugurlarda, şol sanda olara hemmetaraplaýyn iň gowy başlangyç şertleriň we mümkinçilikleriň döredilmegi, olaryň ruhy we beden saglygyna, gyz çagalaryň saglygyny goramaga gönükdirilen çäreleriň, semizligiň we ýokanç keselleriň, şikesleriň öňüni almak boýunça çäreleriň geçirilmegine aýratyn uly üns berler.

Çagalara we ýetginjeklere saglygy goraýyş kömeginiň ýokary hilli we netijeli bolmagy üpjün ediler, öňüni alyş, bejeriş we beýleki saglygy goraýyş çäreleri halkara ölçeglerine laýyklykda amala aşyrylar.

# Uly ýaşly adamlaryň saglygy

Bütindünýa Saglygy Goraýyş Guramasy tarapyndan uly ýaşly adamlaryň saglygyny goramakda we berkitmekde birnäçe ugurlara uly üns berilýär hem-de netijeli çözgütler maslahat berilýär.

Bütindünýa Saglygy Goraýyş Guramasynyň maslahatlaryny hasaba alyp, uly ýaşly adamlaryň saglygyny goramak we berkitmek üçin birnäçe çäreleri amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

18 ýaşdan 62 ýaşa çenli adamlaryň aglaba köpüsi zähmete ukyply ilata degişli bolup durýar.

Şu nukdaýnazardan, ilkinji nobatda:

işleýän adamlar üçin, hususan-da aýal-gyzlaryň maşgala we zähmet durmuşyny bilelikde alyp barmaklarynda dürli amatlyklary we mümkinçilikleri döretmek, ýeňillikleriň berilmegi ücin kanunçylygy yzygiderli kämilleşdirmek;

iş orunlaryny köpeltmek we goşmaça iş orunlaryny döretmek;

iş ýerlerinde howpsuz zähmet şertlerini döretmek, zähmet howpsuzlygyny üpjün etmek, zähmet arassaçylygynyň talaplaryny we kadalaryny berjaý etmek;

hünär bilen bagly döreýän keselleriň we önümçilikde şikesleriň, zähmetiň zyýanly şertleriniň öňüni almak we olary aradan aýyrmak, ölümçiligiň öňüni almak, maýyplygy iň pes derejelere çenli azaltmak we doly aradan aýyrmak;

işgärlere dynç almak, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmak üçin giň mümkinçilikleri döretmek;

iş berijileriň iş ýerlerinde zähmet howpsuzlygyny üpjün etmekleri, zähmet arassaçylygynyň talaplaryny we kadalaryny gyşarnyksyz berjaý etmekleri, işgärlere döredijilikli zähmet çekmek, dynç almak, saglygyny berkitmek üçin amatly şertleri we mümkinçilikleri döretmekleri babatda jogapkärçiligini ýokarlandyrmak;

obalarda, şäherlerde we beýleki ilatly ýerlerde uly ýaşly adamlaryň we olaryň maşgalasynyň saglygyny berkitmek boýunça maksatnamalary amala aşyrmak;

ýokary hilli bejeriş-öňüni alyş çärelerini amala aşyrmak babatda maksatlaýyn çäreler geçiriler.

Şeýle hem bu ýaşdaky adamlaryň arasynda ýokanç däl keselleriň, hususan-da ýürek-damar, onkologiýa, süýjüli diabet, nerw-ruhy keselleriň öňüni almak babatda maksatnamalaýyn çäreleriň uly toplumy amala aşyrylar.

## Gartaşan adamlaryň saglygy

Ýurdumyzda «Döwlet adam üçindir!» ýörelgesiniň üstünlikli amala aşyrylmagynyň netijesinde, adam ömrüniň dowamlylygy we gartaşan adamlaryň sany ýylsaýyn artýar.

65 ýaşly we şondan uly ýaşly adamlaryň sanynyň artýandygyny göz öňünde tutup, olaryň saglygyny berkitmek, zähmete ukyplylygyny we işjeňligini saklamak, sagdyn garramagyny üpjün etmek, şeýle hem olary jemgyýetimizde hemmetaraplaýyn goldamak we höweslendirmek, olara ýeňillikleri döretmek üçin kanunçylygy yzygiderli kämilleşdirmek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen birlikde, gartaşan adamlara maşgalalar tarapyndan goldaw berilmegine hem uly ähmiýet berler.

Gartaşan adamlaryň saglygyny goramak üçin saglygy goraýyş, durmuş üpjünçiligi, jemagat hojalygy, maliýe, ulag edaralarynyň, häkimlikleriň we beýleki dahylly taraplaryň tagallalary birleşdiriler.

Gartaşan adamlarda saglygy goraýyş gözegçiligini we barlaglaryny yzygiderli geçirmek arkaly keselleri ir ýüze çykarmak we bejermek, öňüni alyş sanjymlaryny geçirmek, bu ýaşly adamlarda köp duşýan ýokanç däl kesellerde bejeriş we saglygy dikeldiş işlerini geçirmek we şunda lukmançylyk ylmynyň we tejribesiniň iň soňky gazananlaryny ulanmak göz öňünde tutulýar.

Gartaşan adamlary ýaşynyň soňunda, onkologiýa we beýleki agyr dowamly kesellerde öý şertlerinde bejermek we olara ýokary hilli ideg etmek üçin amatly giň mümkinçilikler dörediler, olara Garrylar öýlerinde netijeli ideg edilmegine uly üns berler.

Gartaşan adamlaryň saglygy goraýyş kömegine bolan isleglerine we hemaýata mätäçligine, şeýle hem olaryň artýan sanyna we hyzmatlaryň artýan möçberlerine laýyklykda saglygy

hoşwagt geçirmegi hem-de gezelenç etmegi, zähmet çekmegi, sport we bedenterbiýe bilen meşgullanmagy üçin giň mümkinçilikleri döretmek işi dowam etdiriler. Ilatymyzy arassa agyz suwy bilen üpjün etmek, sagdyn iýmitlenmek, daşky gurşawyň arassa bolmagyny gazanmak babatda hem düýpli işler amala aşyrylar.

Ýürek-damar keselleriniň, onkologiýa, göz, eşidiş ulgamynyň we nerw-ruhy keselleriň hem-de dem alyş ýollarynyň ýiti ýokanç keselleriniň öňüni almak üçin, adamlaryň önümçilikde işleýän ýerlerinde, ýaşaýan öýlerinde, ilatly ýerlerde arassaçylyk we ekologiýa kadalarynyň gyşarnyksyz berjaý edilmegi üçin talaplar we tagallalar güýçlendiriler, meýilnamalaýyn çäreler görler we toplumlaýyn işler durmuşa geçiriler.

Raýatlaryň bedenterbiýe bilen yzygiderli meşgullanmagyny gazanmak üçin geçirilýän çäreler güýçlendiriler. Ulularyň günde azyndan 30 minut, çagalaryň we ýetginjekleriň bolsa, azyndan 60 minut ýeňil bedenterbiýe maşklaryny ýerine ýetirmegini gazanmak üçin döwrebap sport desgalarynda we meýdançalarynda bedenterbiýe bilen, şol sanda toparlaýyn işjeň meşgullanmaklary höweslendiriler. Şähergurluşyk meýilnamalarynda we bitewi ulag üpjünçilik ulgamlarynda pyýada gezmek we welosiped sürmek üçin mümkinçilikler göz öňünde tutular.

Sagdyn iýmitlenmek we iýmitleniş ölçeginiň çäreleri beden agramynyň we sarp edilýän energiýanyň deňagramlylygyny saklamaga (hususan-da, transýag turşularyny iýmitde ulanmagy düýpli çäklendirmäge ýa-da gadagan etmäge, gandy we duzy çäklendirmäge, ýaglary esasan doýgun däl ýag turşularynyň hasabyna ulanmaga, gök-miwe önümlerini, kösükli we däneli ösümliklerden taýýarlanan önümleri köp sarp etmäge) gönükdirilen ylmy taýdan esaslandyrylan çäreleri öz içine alar.

Ilat arasynda, esasan hem, çagalaryň we ýetginjekleriň arasynda sagdyn iýmitlenmek boýunça bilimi ýokarlandyrmaga, sagdyn iýmitlenmek endigini we medeniýetini kämilleşdirmäge gönükdirilen çäreleriň giň toplumy amala aşyrylar.

Çagalaryň arasynda gurçuk we beýleki keselleriň öňüni almak üçin şahsy arassaçygylyň ýönekeý düzgünleriniň berjaý edilmegi

boýunça wagyz-nesihat çäreleriniň netijeli bolmagyna, şeýle hem arassaçylyk şertleriniň döredilmegine aýratyn uly üns berler.

Temmäkä garşy göreş çäreleri ulgamlaýyn çemeleşmek arkaly alnyp barlar hem-de işjeň öňüni alyş wagyz-nesihat işlerini we beýleki saglygy goraýyş çärelerini geçirmek, raýatlara temmäkiniň saglyga we ömre salýan howpy barada duýdurmak, adamlary temmäki tüssesiniň zyýanly täsirinden goramak, temmäki bilen bagly dürli mahabat çärelerini gadagan etmek, temmäki önümleriniň bahasyny we olara salynýan salgydy ýokarlandyrmak, temmäki önümleriniň bölek satuwy bilen bagly talaplary has-da berkitmek ýaly netijeli çäreleri we beýleki çäreleri öz içine alar. Bu çäreler 2025-nji ýylda ýurdumyzyň temmäkiden azat ýurda öwrülmegini üpjün eder.

Temmäkä garşy göreş çäreleri bilen bilelikde, neşekeşlige garşy göreş hem barlyşyksyz alnyp barlar. Bu ýowuz belany köki-damary bilen ýok etmek üçin döwlet çäreleri amala aşyrylar, ýurdumyz halkara we sebit maksatnamalarynyň ählisine işeňňir gatnaşar we bu ýowuz nägehanyň öňüni alyş çärelerini yzygiderli geçirer.

Arakhorluga garşy göreş çäreleri hem giň gerimde dowam etdiriler. Arakhorluga garşy öňüni alyş wagyz-nesihat işleri, spirtli içgileriň bölek satuwyny berk düzgünleşdirmek, serhoş ýagdaýda awtoulag sürmegiň öňüni almak we onuň garşysyna göreşmek, saglygy goraýyş bejeriş-anyklaýyş, maslahat beriş işlerini we dikeldiş çärelerini toplumlaýyn alyp barmak göz öňünde tutulýar.

«Türkmenistanda ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça 2015–2017-nji ýyllar üçin Milli maksatnama» we ony ýerine ýetirmegiň Meýilnamasyna laýyklykda pyýada ýolagçylaryň we sürüjileriň ýol hereketiniň kadalary baradaky düşünjeleri ýokarlandyrylar, ýol-ulag hadysalary sebäpli döreýän agyr şikeslenmeleriň, maýyplygyň we ölümçiligiň öňüni almak boýunça toplumlaýyn çäreler durmuşa geçiriler.

Maýyplygyň öňüni almak, şol sanda önümçilikde we durmuşda alynýan şikesler hem-de dürli keseller sebäpli döreýän maýyplygyň öňüni almak babatda maksatnamalaýyn çäreler geçiriler.

Käbir onkologiýa keselleriniň öňüni almak üçin sanjym serişdelerini ulanmak tejribä ornaşdyrylar.

Döwlet serişdeleriniň hasabyna waksina we beýleki öňüni alyş sanjym serişdeleri arkaly ýokanç keselleriň öňüni almak işiniň gerimi giňeldiler, immunlaşdyryş serişdeleriniň täze görnüşleri tejribä ornaşdyrylar. Inçekesele, dem alyş ýollarynyň ýokanç kesellerine we jyns ýollary bilen ýaýraýan kesellere garşy göreş çäreleri dowam etdiriler.

Ýurdumyzyň çäklerini arassaçylyk taýdan goramak we arassaçylyk gözegçilik işleri halkara talaplaryna laýyklykda kämilleşdiriler.

## Saglygy goraýşyň adatdan daşary ýagdaýlarda taýýarlygy, daşky gurşawyň zyýanly täsirleriniň we beýleki töwekgelçilikli ýagdaýlaryň öňüni almak hem-de arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek işini güýçlendirmek

Saglygy goraýşyň adatdan daşary ýagdaýlarda taýýarlygy pugtalandyrylar. Daşky (tebigy we emeli) gurşawyň adamyň ýaşamagynyň şertlerini kesgitleýän ýagdaýyna yzygiderli gözegçilik geçiriler.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň hem-de beýleki dahylly edaralaryň adatdan daşary ýagdaýlara, keselleriň ýaýramagyna garşy gözegçiligi we dessin çäreleri geçirmäge taýýarlyk meseleleri boýunça mümkinçiligi güýçlendiriler, halkara standartlaryna laýyklykda kadalaşdyryjy resminamalar taýýarlanylar.

Yzygiderli türgenleşik okuwlaryny geçirmek arkaly adatdan daşary ýagdaýlara, keselleriň ýaýramagyna garşy gözegçiligi we dessin çäreleri geçirmäge taýýarlyk boýunça hünärmenleriň bilimi artdyrylar, hünäri ýokarlandyrylar we tejribesi kämilleşdiriler.

Adatdan daşary ýagdaýlara, keselleriň ýaýramagyna garşy gözegçiligi we dessin çäreleri geçirmäge taýýarlyk meseleleri boýunça barlaghana gullugynyň mümkinçiligi ýokarlandyrylar.

Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek işi kämilleşdiriler we has-da güýçlendiriler. Ýurdumyzyň çäklerini

arassaçylyk taýdan goramak we howply ýokanç keselleriň öňüni almak çäreleri Halkara saglygy goraýyş-arassaçylyk düzgünlerine (2005ý.) laýyklykda geçiriler.

Daşky gurşawy we saglygy goramak babatda 2020-nji ýyla çenli maksatlaýyn görkezijilere ýetmek;

howpsuz suw üpjünçiligine we arassaçylyk taýdan amatlylyklara elýeterliligi gowulandyrmak arkaly ilatyň saglygyny goramak;

howpsuz daşky gurşawy, laýyk beden hereketini we sagdyn iýmitlenmegi üpjün etmek arkaly semizlige we şikeslere garşy göreşmek;

otaglarda we daşarda howanyň arassa bolmagyny üpjün etmek arkaly dem alyş agzalarynyň keselleriniň öňüni almak;

daşky gurşawyň himiki, biologiki we fiziki täsirleri bilen bagly döreýän keselleriň öňüni almak babatda alnyp barylýan uly işler dowam etdiriler.

Howanyň üýtgemeginiň saglyga täsiri öwreniler hem-de onuň ýaramaz täsirini azaltmak we aradan aýyrmak bilen bagly dürli çäreler amala aşyrylar, şeýle hem saglygy goraýyş, tebigaty goramak we beýleki dahylly ulgamlaryň tagallalary birleşdiriler.

Howanyň ilatyň saglygyna täsiri boýunça maglumatlary jemlemek, seljermek we milli maglumat binýadyny döretmek boýunça işler geçiriler.

Keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmekde we adatdan daşary howa ýagdaýlarynda irki öňüni alyş we taýýarlygy üpjün etmek ulgamlary ösdüriler we berkidiler.

Döwletimiziň howa, ulag we demir ýol serhet nokatlarynyň ählisinde arassaçylyk-karantin bölümleriniň işi kämilleşdiriler we olar döwrebap enjamlar bilen üpjün ediler.

Ýurdumyzda ýer, suw baýlyklaryny, howany goramak, Aral deňziniň Türkmenistana golaý sebitleriniň ekologiýasyny gowulandyrmak boýunça toplumlaýyn çäreleriň durmuşa

geçirilmegi dowam etdiriler. Hereket edýän we täze gurulýan senagat kärhanalarynda ekologiýa taýdan howpsuz we dünýäde iň öňdebaryjy tehnologiýalar ornaşdyrylýar. Hazar deňziniň türkmen bölegininiň kenary arassa saklanar, onuň hapalanmagynyň öňüni almak boýunça meýilnamalar yzygiderli durmuşa geçiriler.

Ekologiýa howpsuzlygy we daş-töweregiň arassaçylygy nukdaýnazardan, Türkmenistanda oba hojalyk ekinlerinde ulanylýan himiki serişdelere berk gözegçilik ediler we olaryň adam saglygyna howpsuzlygy üpjün ediler, ösümlikleriň kesellerine hem-de zyýankeşlerine garşy göreşmekde daşky gurşawa we adamyň saglygyna howpsuz biologiki hem-de agrotehniki usullar tejribä ornaşdyrylar.

Ilatymyzyň arassa agyz suwy bilen üpjünçiligine, iýmit önümleriniň hiline we howpsuzlygyna, şol sanda daşardan getirilýän önümlere, ýerli önümlere, söwda dolanyşygyndaky önümlere arassaçylyk gözegçiligi has-da güýçlendiriler, genetiki taýdan üýtgedilen çeşmeleri bolan iýmit önümleriniň ýurdumyza getirilmeginiň öňüni almak işleri talaplara laýyklykda dowam etdiriler.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň işi hem-de gurluşy üýtgedilip guralar, onuň ýerine ýetirýän wezipesi we ygtyýarlary giňeldiler.

Ýokary tehnologiýalara esaslanýan usullar bilen dürli zäherli maddalary anyklamak, radiologik we bakteriologik, genetiki taýdan üýtgedilen çeşmeleri, iýmit goşundylaryny kesgitlemek üçin öňdebaryjy çylşyrymly barlaglaryň geçirilmegi has ileri tutular. Olaryň arasynda immunoferment, hromatografiýa, spektrometriýa, polimeraz zynjyrly reaksiýa barlaglary has uly orun tutar.

Dermanlara durnukly mikroorganizmleriň we ýokançlaryň ýüze çykmagynyň we ýaýramagynyň öňüni almak boýunça milli strategiýa durmuşa geçiriler. Lukmançylyk galyndylaryny howpsuz işlemek boýunça çäreleriň durmuşa geçirilmegi dowam etdiriler.

Ýokanç keselleriň ýüze çykan ýagdaýynda, olary ir anyklamak we öz wagtynda degişli çäreleri geçirmek boýunça gözegçilik ulgamynyň we barlaghana gullugynyň binýady berkidiler,

serhetýaka çäklerde ýaşaýan we işleýän adamlara geçirilýän arassaçylyk gözegçiligi güýçlendiriler.

## Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryşyny kämilleşdirmek

Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryşy mundan beýläk-de kämilleşdiriler.

Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryşy boýunça şertnamalary baglaşan we degişli ätiýaçlandyryş tölegleri tölöýän Türkmenistanyň raýatlaryna döwlet dermanhana edaralarynda bahasynyň ýüzden 90 bölegi möçberinde arzanladylan görnüşde, bellenilen tertipde goýberilýän derman serişdeleriniň sanawyna gaýtadan serediler hem-de şol Sanaw Ýewropa we dünýäniň beýleki ösen ýurtlarynda öndürilen ýokary hilli we netijeli derman serişdelerini girizmegiň hasabyna giňeldiler.

Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyryşy boýunça berilýän ýeňillikler degişli şertnamalary baglaşan we ätiýaçlandyryş töleglerini töleýän Türkmenistanyň raýatlarynyň eklenjinde duran we olaryň saglygy goraýyş ätiýaçlandyryş pasportlaryna ýazylan 18 ýaşyna ýetmedik çagalara degişli ediler.

## Saglygy goraýyş kömeginiň berilmegini kämilleşdirmek

Ýurdumyzyň ähli ilatyny elýeterli saglygy goraýyş kömegi (hyzmaty) we derman serişdeleri bilen üpjün etmek, raýatlara ýokary hilli we netijeli ilkinji, umumy ugurly hem-de ýöriteleşdirilen bejeriş-öňüni alyş kömeginiň (hyzmatynyň) deň derejede berilmegini gazanmak maksat edinilýär.

Ilata bejeriş-öňüni alyş kömeginiň berilmegi «sebitleşdirme ýörelgesi» esasynda kämilleşdiriler.

Saglygy goraýyş ulgamyny ylmy we innowasion tehnologiýalar esaslarynda kämilleşdirmek hem-de ony hemmetaraplaýyn berkitmek, şol sanda işine ökde hünärmenler, derman serişdeleri we öňdebaryjy lukmançylyk enjamlary bilen üpjün etmek işi dowam etdiriler.

Ulgamyň işi ilatyň saglygyny berkitmäge hem-de keselleriň öňüni almaga gönükdiriler we ol ilatyň demografiki ýagdaýyna, umumy we aýry-aýry keseller bilen keselçiligiň derejesine we bejeriş işiniň hem-de saglygy goraýşyň beýleki derwaýys wezipelerine laýyklykda üýtgedilip guralar.

Saglygy goraýyşda ykdysady taýdan netijeli hyzmatlary adamlaryň ýaşaýan ýerlerine has ýakynlaşdyrmak üçin zerur guramaçylyk işleri geçiriler.

Ilatymyza ýürek-damar, onkologiýa, endokrinologiýa we beýleki aýry-aýry ugurlarda ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş kömegini bermegiň maksatnamalary, keselleri irki döwürde anyklamagyň we bejermegiň has netijeli taslamalary amala aşyrylar.

Ilatymyza şypahana bejeriş-dikeldiş kömegini bermek işi mundan beýläk-de ösdüriler. Lukmançylygyň saglygy dikeldiş, fizioterapiýa, kurortologiýa we adaty däl ugurlaryny kämilleşdirmek we ýoga usulyny tejribä ornaşdyrmak göz öňünde tutulýar.

## Saglygy goraýşyň ilkinji basgançagy we jemgyýetçilik saglygy goraýşy

Saglygy goraýşyň ilkinji basgançagy keselleriň öňüni almak işi bilen bir hatarda saglygy goraýyş ulgamynyň iň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Bu ulgamy ösdürmekde, ilkinji nobatda, saglygy goraýşyň bu böleginde näsaglaryň ýüzden 70 göterimine çenli möçberiniň bejerilmegini gazanmakdan ugur alnar.

Saglygy goraýşyň ilkinji basgançagynda näsaglaryň aglaba köpüsine hyzmat edilmegi, saglygy berkitmek we keselleriň öňüni almak, töwekgelçilik täsirlerini aradan aýyrmak, sagdyn durmuş medeniýetini ösdürmek, sagdyn geljegi we nesilleriň saglygyny üpjün etmek işlerini has-da güýçlendirmek göz öňünde tutulýar.

Bu maksatlara ýetmek üçin saglygy goraýşyň ilkinji basgançagynyň maliýeleşdirilmegi ileri tutular. Bu ugurda hereket edýän kadalara gaýtadan serediler.

Bu basgançakda ilat arasynda işlemegiň maksatnamalary amala aşyrylar, adamlarda kesellemek mümkinçiligini we keselleri has ir anyklamak hem-de netijeli saglygy goraýyş kömeginiň berilmegini guramak üçin zerur işler geçiriler.

Her bir raýat üçin ýokary hilli we netijeli umumy ugurly hem-de ýöriteleşdirilen bejeriş kömeginiň elýeterli bolmagyny gazanmak üçin tagallalar ediler.

Adamlaryň saglygyny goramaga gönükdirilen jemgyýetçilik saglygy goraýşy keselleriň öňüni almakda we saglygy berkitmekde häzirki zaman dünýä lukmançylyk tejribesinde we ylmynda gazanylanlaryň esasynda kämilleşdiriler.

Ilat arasynda saglyk barada wagyz-nesihat işleriniň gerimi giňeldiler, adamlaryň öz saglygyna jogapkärçilikli garamagy, zerurlyk ýüze çykanda öz-özüne saglygy goraýyş kömegini bermegi boýunça sowatlylygy artdyrylar.

Maşgala lukmançylygy ýörelgesi düýpli kämilleşdiriler. Şundan ugur alnyp:

maşgala lukmanlarynyň hyzmat edýän ilat sanyny azaltmak boýunça işler geçiriler;

maşgala meýdançasynda işleýän 1 maşgala lukmanyna 2 maşgala şepagat uýasyny, zerur halatlarda olara goşmaça 1 göbegenäni berkitmek göz öňünde tutular;

maşgala lukmançylygy bilen bir hatarda, ilata dürli hünärmenleriň (terapewtiň, pediatryň, ginekologyň, stomatologyň) gatnaşmagynda toplumlaýyn hyzmat etmek ýörelgesi giriziler;

maşgala lukmanlarynyň we beýleki hünärmenleriň wezipelerine we iş ýüküniň möçberlerine gaýtadan serediler we olar kadalaşdyrylar;

her bir maşgala lukmanynyň bejeriş işiniň möçberi onuň umumy we inçe ugurlar boýunça amaly başarnyklaryna görä kesgitleniler;

maşgala lukmanynyň iş ýüzünde jemgyýetçilik saglygy goraýyş işi güýçlendiriler;

maşgala şepagat uýasy ýörelgesi ösdüriler, olaryň wezipesi we ygtyýarlyklary giňeldiler;

bejeriş-öňüni alyş standartlaryny işläp taýýarlamak we işe ornaşdyrmak hem-de maşgala lukmanlaryny okatmak arkaly öýme-öý aýlanmak ulgamy güýçlendiriler;

maşgala meýdançalarynda çilimkeşleriň, ýokary gan basyşly adamlaryň we semizlikden ejir çekýänleriň, beýleki töwekgelçilik toparlaryna girýän adamlaryň hasabyny ýöretmek we olar bilen gönüden-göni bejeriş-öňüni alyş işini geçirmek işi doly ýola goýlar.

Maksatnama laýyklykda saglygy goraýşyň ilkinji basgançagyny ösüşiň we döwrüň täze talaplaryna laýyklykda ösdürmek we özgertmek işi dowam etdiriler, hususan-da:

saglygy goraýşyň ilkinji basgançagynda jemgyýetçilik saglygy goraýşyny ösdürmek boýunça ylmy taýdan esaslandyrylan çäreler geçiriler;

saglygy goraýyş işgärleriniň jemgyýetçilik saglygy goraýşy boýunça bilimi we başarnygy ýokarlandyrylar;

ilkinji basgançagyň gurluşyna hem-de wezipesine gaýtadan serediler;

ilata edilýän saglygy goraýyş hyzmatlaryny gatnaw şertlerinde bermek usuly giňeldiler;

dürli hünärmenleriň lukmançylyk hyzmatlary elýeterli üpjün ediler;

saglyk öýlerini terapewt, hirurg, akuşer-ginekolog, pediatr we stomatolog lukmanlary bilen üpjün etmek boýunça degişli işler geçiriler;

gatnap bejeriş şertlerinde gollanmak üçin bejeriş ugurlary boýunça standartlar taýýarlanylar we tejribä ornaşdyrylar;

saglygy goraýyş we ykdysady taýdan netijeli bolan çäreler we usullar tejribä ornaşdyrylar;

ilkinji saglygy goraýyş ýöriteleşdirilen lukmançylyk kömeginiň gerimi giňeldiler we hyzmatlaryň möçberi artdyrylar;

idege mätäç gartaşan we hassa adamlara hyzmat etmek üçin kiçi saglygy goraýyş işgärleriniň hyzmat ediş gullugy dörediler;

ýurdumyzyň çet we serhetýaka etraplarynda, beýleki etraplarda we şäherlerde, oba ýerlerinde saglygy goraýyş edaralarynyň inçe ugurly hünärmenler bilen üpjünçiligine gaýtadan serediler;

döwrebap tehnologiýalara esaslanýan saglygy goraýyş kömegini oba ilatyna ýakynlaşdyrmak üçin tagallalar güýçlendiriler;

bazar şertlerinde ilata ilkinji saglygy goraýyş hyzmatyny etmäge saglygy goraýşyň hususy bölegi çekiler;

hyzmatlaryň hili üznüksiz gowulandyrylar, hyzmatlaryň hiline we ahyrky netijesine baha bermäge hassalaryň özleri we maşgala meýdançalaryndaky beýleki raýatlar giňden çekiler;

saglygy goraýyş edaralarynyň we hünarmenleriň işine içerki we daşarky gözegçilik güýçlendiriler;

dünýä lukmançylyk tejribesinde gazanylan keselleri anyklamagyň we bejermegiň subutedijilik lukmançylygyna esaslanýan döwrebap usullaryny amaly lukmançylyga ornaşdyrmak işi dowam etdiriler;

ilaty öňüni alyş saglygy goraýyş barlagyndan geçirmek işi kämilleşdiriler;

maýyplyga getirýän dowamly keselleriň we irki ölümçilige getirýän sebäpleriň öňüni almak üçin toplumlaýyn çäreler durmuşa geçiriler.

**Ýatymlaýyn bejeriş kömegi**

Ýurdumyzyň her bir raýaty üçin deň derejede elýetleri ýokary hilli we netijeli umumy ugurly hem-de ýöriteleşdirilen ýatymlaýyn bejeriş kömeginiň berilmegi we hyzmatynyň edilmegi üçin çäreler dowam etdiriler.

Ýöriteleşdirilen ýatymlaýyn bejeriş edaralarynyň saglygy goraýşyň ilkinji basgançagy bilen gatnaşygy we özara arabaglanyşygy güýçlendiriler hem-de höweslendiriler.

Etrap hassahanalarynda ýokary hilli hyzmatlaryň edilmegi üçin olaryň hünärmenler bilen üpjünçiligi hem-de welaýat we merkezi ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş edaralary bilen arabaglanyşygy, şol sanda telelukmançylyk arkaly gowulandyrylar.

Ýatymlaýyn bejeriş edaralarynyň wezipesi hem-de bejeriş hyzmatynyň sanawy we möçberi düýpli seljeriler, olarda ylmy taýdan esaslandyrylan we subutediji bejeriş-anyklaýyş usullaryny ulanmak hem-de netijeli hyzmatyň edilmegi üçin zerur işler geçiriler.

Ýatymlaýyn bejeriş edaralarynda, hususan-da, bir ugurly ýöriteleşdirilen edaralarda gartaşan we birnäçe dowamly keseli bolan hassalara köpugurly hyzmatlary etmek, dürli ugurly ýöriteleşdirilen hassahanalaryň özara baglanyşygyny gowulandyrmak üçin, guramaçylyk işlerini geçirmek göz öňünde tutulýar.

## Saglygy goraýyş işgärlerini taýýarlamak we olaryň hünär derejelerini üznüksiz kämilleşdirmek

Köpýyllyk meýilnamalaşdyrmak arkaly saglygy goraýşyň işgärler bilen üpjünçiligini gowulandyrmak, bitewi öňüni alyş ulgamyny döretmegiň, saglygy goraýşy dolandyrmagy kämilleşdirmegiň hem-de köpulgamlaýyn pudagara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň, saglygy goraýyş hyzmatlary bazarynyň talaplaryna laýyklykda işgärleri taýýarlamak işine we tejribesine uly üns berler.

Lukmançylyk bilimini bermegi we saglygy goraýyş işgärlerini taýýarlamagy döwrüň talaplaryna hem-de saglygy goraýyş ulgamynyň ileri tutulýan ugurlaryna we ilatyň saglygy goraýyş hyzmatyna bolan islegine laýyklykda kämilleşdirmek göz öňünde tutulýar.

Saglygy goraýyş edaralarynda içerki tertip-düzgün berkidiler, lukmanlaryň we beýleki saglygy goraýyş işgärleriniň işine gözegçilik güýçlendiriler hem-de olaryň näsaglara hyzmat etmekde etika we deontologiýa talaplaryny dogry berjaý etmeklerini gazanmak üçin berk çäreler görler, terbiýeçilik we guramaçylyk-hukuk işleri geçiriler.

Saglygy goraýyş işgärleriniň biliminiň we başarnyklarynyň hemişe döwrebap bolmagy üçin olaryň hünär derejelerini üznüksiz ýokarlandyrmak ýörelgesi ösdüriler.

Şunuň bilen bir hatarda, saglygy goraýyş işgärlerini taýýarlamakda olaryň jemgyýetçilik saglygy goraýşynda beýleki ulgamlaryň wekilleri bilen hyzmatdaşlykda işlemäge ukyply bolmagyny gazanmak, ilata saglygy goraýyş kömegini toparlaýyn usulda bermek, şeýle hem täze hünärler boýunça hünärmenleri taýýarlamak ýaly anyk meseleleri çözmekden hem ugur alnar.

Lukmançylyk biliminde döwrebap maglumatlar tehnologiýalaryny we okatmagyň iň täze usullaryny giňden ulanmak dowam etdiriler.

Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde talyplary okatmak we olaryň nazary-amaly taýdan ýokary taýýarlygyny gazanmak, saýlap alan hünärlerini çuňňur ele almaklary üçin okuw meýilnamalary we maksatnamalary kämilleşdiriler.

Ilatymyzyň sanynyň artmagy, saglygy goraýşyň ösmegi we hyzmat ediş binýadynyň giňelmegi bilen bagly, Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde we lukmançylyk orta okuw mekdeplerinde okadylýan ugurlaryň we talyplaryň sany köpeldiler.

Maşgala lukmanlaryny bildirilýän talaplara laýyklykda maksatlaýyn taýýarlamak we olaryň ilata ýokary hilli bejeriş-öňüni alyş kömegini bermegini gazanmak maksady bilen, Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde diplomdan öňki taýýarlyk tapgyrynda maşgala lukmançylygy fakultetini açmak boýunça işler geçiriler.

Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň hereket edýän arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek ugurly kafedralaryny ýöriteleşdirilen kafedralara öwürmek we olaryň binýadyny giňeltmek, kliniki ugurly kafedralary açmak boýunça işler geçiriler.

Saglygy goraýşyň zerurlyklaryna görä täze hünärler boýunça hünärmenleri, şol sanda çaganyň ösüşi boýunça lukmanlary, fizioterapewtleri, psihologlary, saglygy goraýyş boýunça ykdysatçylary, menejerleri, hukukçylary, inženerleri we tehnikleri taýýarlamak bilen bagly meseleleri çözmegiň üstünde işleniler.

Lukmançylyk orta okuw mekdeplerinde maşgala şepagat uýalaryny taýýarlamak bölümini açmak boýunça işler geçiriler, şeýle hem idege mätäç adamlara gözegçilik etmek boýunça kiçi şepagat uýalaryny taýýarlamak bölümini tölegli esasda döretmek meselesine serediler.

Döwletara ylalaşyklarynyň çäklerinde talyplary daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okatmak, şeýle hem

hünärmenleri hünär kämilligini ýokarlandyrmak üçin daşary ýurtlara ibermek tejribesi dowam etdiriler.

Saglygy goraýyş edaralarynyň we işgärleriniň öz işlerini ýokary hilli ýerine ýetirmegini gazanmak üçin, milli standartlar we kadalaşdyryjy resminamalar işlenilip taýýarlanylar we tejribä ornaşdyrylar.

Saglygy goraýyş işgärleriniň zähmetiniň netijeli bolmagyny gazanmak üçin olary höweslendirmek göz öňünde tutular.

Orta saglygy goraýyş işgärlerini jemgyýetçilik saglygy goraýşynyň möhüm meselelerini çözmäge taýýarlamak, olaryň beýleki ulgamlaryň wekilleri bilen hyzmatdaşlykda işlemegini üpjün etmek we ilat bilen ýerlerde işjeň iş alyp barmagyny gazanmak, bilimlerini we tejribelerini artdyrmak göz öňünde tutulýar.

Saglygy goraýyş işgärlerini çet etraplarda we obalarda işlemäge höweslendirmek üçin ýörite maksatnamalar işlenilip düzüler.

**Lukmançylyk ylmyny ösdürmek**

Ylmy işleriň gerimi giňeldiler, şunda geljegi göz öňünde tutýan we derwaýyş meseleleri çözmäge gönükdirilen ylmy işler has ileri tutular. Hususan-da:

ilatymyzyň saglyk ýagdaýyny has-da gowulandyrmagyň saglygy goraýyş-ykdysady taýdan netijeli ugurlaryny kesgitlemek;

saglygy goraýyş hyzmatlarynyň bazaryny we hyzmatlara bolan islegleri, saglygy goraýyş ulgamynyň işiniň netijeliligini we netijesini öwrenmek;

täze tehnologiýalaryň saglyga we saglygy goraýyş ulgamyna täsirini öwrenmek;

daşky gurşawyň üýtgemeginiň saglyga täsirini öwrenmek;

saglygy goraýyş ulgamynyň durnukly ösüşini üpjün etmegiň ýollaryny, ylmyň we tehnologiýanyň ösmegi bilen, saglygy goraýyş işgärlerine we edaralaryna bolan islegi kesgitlemek, täze lukmançylyk hünärleriniň we bejeriş edaralarynyň zerurlygy, lukmanlaryň hünärine, hünär endiklerine we başarnyklaryna bolan talaplary kesgitlemek;

nanotehnologiýalary ulanmak arkaly keselleriň öňüni almagyň, olary ir anyklamagyň we bejermegiň täze usullaryny işläp taýýarlamak we tejribä ornaşdyrmak;

Türkmenistanyň dermanlyk ösümliklerini hem-de mineral bejeriş suwlaryny peýdalanmak arkaly keselleri bejermegiň we saglygy berkitmegiň täze usullaryny işläp taýýarlamak we tejribä ornaşdyrmak;

ýokanç däl keselleriň öňüni almak, howply ýokanç keselleriň ýaýramagynyň garşysyna göreşmek we olary ýok etmek;

has giň ýaýran keselleriň öňüni almagyň we bejermegiň täze usullaryny we ugurlaryny kesgitlemek hem-de tejribä ornaşdyrmak;

dürli ýaşlardaky adamlaryň saglyk ýagdaýyny öwrenmek we ömrüň tutuş dowamynda saglygy berkitmegiň täze, netijeli ýollaryny we mümkinçiliklerini tejribä ornaşdyrmak;

ilatyň sagdyn iýmitlenmegi bilen bagly iýmit önümleriniň ýokumynyň goşmaça witaminler we minerallar bilen güýçlendirilmegini ylmy taýdan öwrenmek we tejribä ornaşdyrmak;

ýurdumyzyň şertlerinde öndürilýän azyk önümleriniň mikro-, makroelementler we witaminler düzüminiň aýratynlyklaryny ylmy taýdan öwrenmek we olaryň ýokumlylygy barada maglumatlar binýadyny döretmek boýunça işleri geçirmek;

wirusly ýokançlaryň ýaýramak häsiýetlerini barlaghana usullary bilen kesgitlemegiň täze usullaryny öwrenmek babatda ylmy işler alnyp barlar.

Lukmançylyk ylmyny ösdürmekde Ýewropa sebitiniň öňdebaryjy ylmy-barlag edaralarynyň gazananlary, geçiren ylmy barlaglarynyň netijeleri we maslahatlary göz öňünde tutular.

Lukmançylyk ylmynyň işgärlerini taýýarlamak işi has-da güýçlendiriler. Ylymlaryň kandidatlaryny we doktorlaryny taýýarlamak işi dowam etdiriler. Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde ylmyň ösdürilmegi üçin tutumly işler meýilnamalaýyn esaslarda geçiriler.

## Derman senagatyny ösdürmek we derman üpjünçiligini pugtalandyrmak

Ilatymyzy özümizde öndürilýän ýokary hilli, howpsuz derman serişdeleri we saglygy goraýyş maksatly önümler bilen has doly üpjün etmek, içerki bazarda import önümlerini çalyşmak we eksport mümkinçiliklerini ep-esli artdyrmak üçin derman senagaty çalt depginler bilen ösdüriler.

Derman senagatyny düýpli diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, ösen tehnologiýalar bilen üpjün edilen we dünýä bazarynda bäsleşige ukyply önümleri çykarýan önümçilikleri döretmek işi dowam etdiriler.

Buýany innowasion tehnologiýalar esasynda emeli ösdürip ýetişdirmek üçin taslamalar amala aşyrylar, buýan köküni gaýtadan işläp, glisirrizin turşusynyň we ondan dürli derman serişdeleriniň önümçiligini, şeýle hem beýleki saglygy goraýyş maksatly önümleriň we derman serişdeleriň öňdebaryjy önümçiligini ýola goýmak boýunça işler geçiriler.

Täze önümçilikleri döretmek bilen bir hatarda, hereket edýän derman kärhanalary yzygiderli döwrebaplaşdyrylar, olar ýokary öndürijilikli önümçilik serişdeleri bilen üpjün ediler.

Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleriniň goruny aýawly saklamak we köpeltmek, ýerli dermanlyk çig mal serişdelerini senagat möçberinde taýýarlamak we gaýtadan işlemek üçin düýpli işler amala aşyrylar, dermanlyk ösümlikleriň ylmy taýdan öwrenilmegi hem-de bejeriş-öňüni alyş we saglygy dikeldiş tejribesinde giňden ulanylmagy üçin şertler dörediler.

Derman serişdeleriniň hilini, howpsuzlygyny we netijeliligini gazanmak üçin kanunçylyk binýady we edara-kärhanalaryň işi, derman serişdelerini öndürmegiň, saklamagyň, paýlamagyň we goýbermegiň tertibi kämilleşdiriler, derman serişdeleri baradaky maglumatlar giňden elýeterli ediler.

Derman serişdeleriniň rejesiz peýdalanylmagynyň öňüni almak boýunça çäreler görler.

Döwlet we hususy dermanhanalarda antibiotikleri we käbir beýleki derman serişdelerini dermannamalar esasynda goýbermek ýola goýlar.

Bejeriş-öňüni alyş edaralarynda derman serişdelerini näsaglara rejeli bellemek we ulanmak üçin kliniki gollanmalar we elektron habar-maglumatlar binýady döredilер, ylmy işler alnyp barlar. Bejeriş tejribesinde iň gowy netijesi bolan ýokary hilli we howpsuz derman serişdeleriniň ulanylmagy giňden höweslendiriler.

Derman we saglygy goraýyş maksatly serişdeleriň milli sanawyny döretmek arkaly hasabatlylyk kämilleşdiriler.

## Saglygy goraýşyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak

Saglygy goraýşyň maddy-enjamlaýyn binýady innowasion tehnologiýalaryň esasynda has-da berkidiler.

Bu maksatlar bilen, ýurdumyzda öňdebaryjy lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilen döwrebap saglyk desgalarynyň gurluşygy dowam etdiriler. Şunda täze saglyk desgalary saglygy goraýyş hyzmatyna geljek döwürde bolan islegler we talaplar göz öňünde tutulyp gurlar.

2016-njy ýylda Aşgabat şäherinde 120 orunlyk Newrologiýa merkezi, Tejribe-önümçilik we iýmit merkezi, Aýratyn howply ýokanç keselleriň öňüni alyş merkezi we Morfologiýa merkezi gurlup, ulanmaga tabşyrylar.

Paýtagtymyzda döwrebap saglyk desgalary, welaýat merkezlerinde köpugurly hassahanalar we beýleki saglyk desgalary gurlar, olar döwrebap lukmançylyk enjamlary hem-de hünärmenler bilen üpjün ediler.

Şeýle hem ýurdumyzda döwrebap lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilen şypahana desgalaryny, etrap hassahanalaryny, oba Saglyk öýlerini we merkezlerini we beýleki saglyk desgalaryny gurmak, hereket edýän saglygy goraýyş edaralarynyň durkuny täzelemek we olary döwrebap enjamlar bilen üpjün etmek işi dowam etdiriler.

Lukmançylyk tehnologiýalaryny bejeriş we saglygy-dikeldiş tejribesine ornaşdyrmagyň gerimi giňeldiler. Ýokary tehnologiýaly enjamlaryň saglygy goraýyş edarasynda we öý şertlerinde rejeli ulanylmagy hem-de elýeterli bolmagy üçin guramaçylyk işleri

geçiriler, enjamlaryň hilini kepillendiriş ulgamlary dörediler, näsaglaryň saglyk ýagdaýy baradaky maglumatlaryň goraglylygyny üpjün edýän täze tehnologiýalar amaly lukmançylyga ornaşdyrylar, ýurdumyzyň öz emeli hemrasy arkaly saglygy goraýyşda telelukmançylyk işi giňden ýola goýlar.

Lukmançylyk enjamlarynyň milli sanawyny döretmek arkaly hasabatlylyk kämilleşdiriler.

**Elektron saglygy goraýşyny ösdürmek we saglygy goraýyş statistikasyny kämilleşdirmek**

Saglygy goraýyş statistikasyny özgertmegiň we maglumatlaşdyrmagyň esasy maksady milli maglumatlar ulgamyny ösdürmek we kämilleşdirmek, maglumatlary toplamak, seljermek we ýaýratmak bolup durýar.

Şunda halkara ölçegleriniň ulanylmagy maglumatlaryň deňeşdirilmegini gowulandyrmaga hem-de olaryň Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň we beýleki halkara guramalarynyň talaplaryna laýyk gelmegine mümkinçilik berýär.

Saglygy goraýyşda yzygiderli gözegçilik etmek we oňa baha bermek, şeýle hem maksatlaýyn we beýleki görkezijileri işläp taýýarlamak zerur bolup durýar. Maglumatlaryň toplanylmagy, seljerilmegi, ýaýradylmagy we olardan peýdalanylmagy saglygy goraýyşda geçirilýän özgertmeleri ölçemek we olara baha bermek, ilatyň saglygyny berkitmek boýunça ähmiýetli ugurlary kesgitlemek we maslahatlary bermek boýunça işleri gowulandyrar.

Şulardan ugur alnyp:

saglygy goraýşyň maglumatlar ulgamynyň işini utgaşykly alyp barmak üçin, Saglygy goraýşyň maglumatlar ulgamyny ösdürmegiň pudagara meýilnamasyny işläp taýýarlamak we durmuşa ornaşdyrmak;

telearagatnaşykly saglygy goraýyş boýunça meýilnamany işläp taýýarlamak;

maglumat-kompýuter tehnologiýalarynyň mümkinçilikleriniň giňeldilmegi arkaly saglygy goraýşyň maglumat-statistiki ulgamynyň gurluşyny pugtalandyrmak;

elektron saglygy goraýşyny dolandyrmagyň kämil usullaryny işläp taýýarlamak;

elektron saglygy goraýşy boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp taýýarlamak we durmuşa ornaşdyrmak;

saglygy goraýyş işgärleriniň hünär kämilligini häzirki zaman usullaryny we serişdelerini, şol sanda döwrebap aragatnaşyk ulgamyny (on-line) ulanmak arkaly ýokarlandyrmak;

saglygy goraýyş maglumaty boýunça Ýewropa başlangyjy, «CARINFONET» (Merkezi Aziýa döwletleriniň maglumat ulgamy), «EVIPNet» (saglyk syýasatyny işläp taýýarlamakda ylmy barlaglaryň netijelerini ulanmak boýunça ulgam) ýaly taslamalary tejribä ornaşdyrmak;

saglygy goraýşyň maglumat-seljeriş ulgamyny (kliniki we saglygy goraýşyň beýleki registrleri) kämilleşdirmek;

elektron kitaphanalaryny döretmek, milli saglygy goraýyş elektron kartalaryny (EHR), barlaghana maglumatlar ulgamyny, wideo şekilleri taýýarlamak (PAKS – ulgamy) boýunça meýilnamalary işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak göz öňünde tutulýar.

## Saglygy goraýyş ulgamyny durnukly maliýeleşdirmek we saglygy goraýşyň ykdysadyýetini kämilleşdirmek

Durnukly maliýeleşdirilmeginiň hasabyna saglygy goraýyş ulgamynyň netijeli işlemegi gazanylar we ilatymyz saglygy goraýyş kömegi bilen doly möçberde üpjün ediler.

Saglygy goraýyş işi dürli maliýe çeşmeleriniň (Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň, raýatlaryň döwlet saglygy goraýyş meýletin ätiýaçlandyrylyşynyň we beýleki çeşmeleriň) hasabyna maliýeleşdiriler.

Saglygy goraýşy ösdürmekde ykdysady taýdan netijeli bejeriş-öňüni alyş işlerini geçirmek we maliýe serişdelerini rejeli peýdalanmak möhüm ähmiýete eýedir.

Maliýe serişdeleriniň bisarpa harçlanylmagynyň öňüni almak babatda çäreler görler, şol sanda kliniki usullaryň we bejeriş çäreleriniň, anyklaýyş barlaglarynyň we derman serişdeleriniň

esassyz ulanylmagyna, lukmançylyk ýalňyşlyklaryna ýol berilmezligi üçin, guramaçylyk-usulyýet we kadalaşdyryjy işler geçiriler, tygşytlanan serişdeler näsaglary bejermek işine gönükdiriler.

Saglygy goraýyş we ykdysady taýdan oňyn netije gazanmak üçin, şol sanda hassahana çykdajylaryny tygşytlanmak üçin, ilkinji basgançakda saglygy berkitmek we keselleriň öňüni almak boýunça çäreleriň giň toplumy geçiriler.

Saglygy goraýşyň ykdysadyýetini kämilleşdirmek we hyzmatlary maliýeleşdirmegiň netijeli usullaryny tejribä ornaşdyrmak, hyzmatlaryň köp bölegini saglygy goraýşyň ilkinji basgançagynda etmegi meýilleşdirmek we guramak, çykdajy talap edýän az netijeli hyzmatlary we könelen usullary aradan aýyrmak babatda işler alnyp barlar.

Saglygy goraýşyň hususy böleginiň gatnaşmagynda döwrebap ýokary hilli saglygy goraýyş hyzmatlarynyň we derman üpjünçiliginiň bazaryny ösdürmek dowam etdiriler.

Onkologiýa we süýjüli diabet, wirusly gepatitler, inçekesel, gemofiliýa we käbir beýleki keseller bilen kesellän näsaglary derman serişdeleri bilen üpjün etmegi maliýeleşdirmegi kämilleşdirmek babatda işler geçiriler.

## Saglygy goraýyş babatda kanunçylygy kämilleşdirmek

Maksatnamany amala aşyrmagyň dowamynda ilatyň saglygyny goramak we saglygy goraýyş ulgamyny berkitmek hem-de kämilleşdirmek bilen bagly ýüze çykýan, kanunçylyk arkaly kadalaşdyrylmagy zerur bolan meseleler boýunça täze kanunlar kabul ediler, hereket edýän kanunlar bolsa kämilleşdiriler.

## Maksatnamany amala aşyrmak

Şu Maksatnamany 2015–2025-nji ýyllar aralygyndaky döwürde durmuşa geçirmek göz öňünde tutulýar.

Maksatnama iki-üç ýyllyk Milli meýilnamalary, şeýle hem saglygy goraýşyň aýry-aýry ugurlary boýunça Milli

maksatnamalary, pudaklaýyn we pudagara maksatnamalary we meýilnamalary, taslamalary we toplumlaýyn çäreleri durmuşa geçirmek arkaly amala aşyrylar.

Maksatnamanyň ýerine ýetirilişine yzygiderli gözegçiligi amala aşyrmak we işleriň netijeliligine orta we uzakmöhletleýin baha bermek üçin Pudagara iş topary döredilер, halkara talaplaryna we ölçeglerine laýyklykda saglygy goraýşyň köptaraplaýyn görkezijileri işlenilip taýýarlanylar we barlag usullary tejribä ornaşdyrylar.

Maksatnama Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, Birleşen Millet Guramasynyň Çagalar gaznasy (UNICEF), Ilat gaznasy, Ösüş maksatnamasy we beýleki abraýly halkara guramalary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlykda amala aşyrylar.

Maksatnama laýyklykda amala aşyrylmagy göz öňünde tutulan işleri we çäreleri bellenen tertipde Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň, beýleki edara-kärhanalaryň, guramalaryň öz serişdeleriniň hem-de Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirmek göz öňünde tutulýar.

## Maksatnamany amala aşyrmakdan garaşylýan netijeler

Maksatnamanyň amala aşyrylmagynyň netijesinde ýurdumyzyň ilatynyň saglyk ýagdaýy has-da gowulandyrylar we abadançylygy ýokarlandyrylar, adam ömrüniň ortaça dowamlylygy artar, raýatlar üçin saglygy goramak babatda hemmetaraplaýyn deň mümkinçilikler we şertler üpjün ediler, halkara ölçeglerine we talaplaryna, innowasion tehnologiýalara, öňdebaryjy lukmançylyk ylmyna we tejribesine esaslanýan kämil we ýokary netijeli saglygy goraýyş ulgamy dörediler.